# Keramat

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Keramat KERAMAT



Geçen asyryň 40-50-nji ýyllarynda Babadaýhan etrabynyň (öňki Kirow raýony) Ýarygökje obasynda Annageldi Magtym diýen halatly, akyl-paýhasly demirçi ussa ýaşapdyr. Onuň il içinde ýörgünli ady Ussa Magtym bolupdyr. Ol özüniň hünärine ussatlygy, kiçigöwünliligi, pespälligi, halallygy bilen uly abraýa eýe bolupdyr. Hat-ýazuwdan başy çykmasa-da, bir eşiden zadyny ýat tutmagy başarýan üýtgeşik zehinli eken. Ol has irki ýyllarda, tutha-tutlukda Ahal töwereklerinden gaçyrylyp goýberilen bir ahuny öýünde saklap, howandarlyk edýär. Oňa ýaşaýan kolhozyndan çopançylyk kärini alyp berip, özünede "Çopan aga" diýip ýüzlenýär eken. Onuň esasy ussady Gökdepe töwereklerinde ýaşan Seýit işan bolupdyr. Ol Ussa Magtymyň öýüne kän geler eken. Ussa Magtym onuň aýdyp berýän dini meselelerini, aýat-hadyslarynyň birinem sypdyrman ýat tutar eken.
Günleriň birinde Ussa Magtym eşegine azyk-owkat ýükläp, goňşy obada mugallymçylyk edýän oglunyňka ugraýar. Aralyk esli ýol bar eken. Ýoluň orta gürpüne ýetiberende, eşek birdenkä eýesini aýlap, yere urýar-da jyzzynlap gaçyp gidýär. Günortanyň tüp yssysynda ikarada alaçsyz galan Ussa Magtym gyssanjyna "Wah, ýaman ýerde gaý tutd-ow! Seýit işan jan, özüň ýetişäýmeseň bü-ýä uç-gyraksyz meýdanda taşlap gidendir" diýip-diýmänkä, bolan zada haýran galýar. Gaçyp, gözden ýitip barýan eşek, birdenkä hyrra yzyna öwrülýär-de, eýesiniň ýanyna gelip, gulagyny ýapyryp duruberipdir. Muny gören Ussa Magtym

Hudaýa köp şükürler edip, ýoluny dowam edýär.
Mustapa BEGMUHAMMET. Halk döredijiligi we rowaýatlar